AMERIKANYŇ HALKYNYŇ ADYNDAN

**KAUNTERPART TÜRKMENISTAN**

**“ÖSÜŞ ÜÇIN ÝERLI TEKLIPLER” MAKSATNAMASY**

# «Türkmenistanda telekeçiligiň hukuk meseleleri» boyunça

## gollanma

Türkmenistanyň Tebigaty goramak ministrligi

**Aşgabat ş. 2009 ý.**

*Bu gollanma amerikan halkynyň goldawy arkaly ABŞ-nyň Halkara ösüş agentliginiň (USAID) üsti bilen amala aşyryldy. Neşiriň mazmuny üçin Kaunterpart Interneşnl Türkmenistan jogapkärçilik çekýär we bu neşir hökmany suratda USAID-iň ýa-da ABŞ-nyň hökümetiniň garaýyşlaryny aňladýar diýlip düşünilmeli däldir.*

## Mazmuny


**Giriş** ………………………………………………………………………………………… 3
**1-nji bölüm. Hususy kärhanany nädip döretmeli**……………………………………………… 4
1.1. Hukuk tarapyny döretmezden ýekebara telekeçiligi, daýhan hojalygyny, daýhan birleşiklerini öz içine almak bilen, telekeçilik işini alyp barmagyň guramaçylyk-hukuk formalary. Guramaçylyk-hukuk formalarynyň aýratynlyklary…………………………………………………………… 4
1.2. Telekeçilik işini alyp barmaga patenti resmileşdirmek tertibini we prosedurasyny öz içine almak bilen, ol ýa-da beýleki formalar boýunça biznes kärhanasyny bellige almagyň tertibi we prosedurasy………………………………………………………………………………….. 6
1.3. Bellige almak boýunça tölegler we beýleki çykdajylar………………………………………… 7
1.4. Telekeçilik işiniň görnüşleriniň we bellenen patent töleginiň sanawy…………………………… 8
**2-nji bölüm. Hususy täjirçilik işini düzgünleşdirýän kanunçylyk**…………………………… 10
**3-nji bölüm. Ygtyýarnamalar we rugsatnamalar**………………………………………………… 11
3.1. Kanunçylyk tarapyndan bellenen we telekeçilik işine degişli ygtyýarnamalaryň we rugsatnamalaryň sanawy (ygtyýarnama alynmaga degişli bolan işleriň has ähmiýetli görnüşleriniň sanawyny hem öz içine almak bilen) ……………………………………………………………… 11
**4-nji bölüm. Kontraktlaryň/şertnamalaryň düzülişi……………………………………………..** 12
4.1. Şertnamalary düzmek boýunça umumy soraglar. Şertnamalaryň strukturasy…………………… 12
**5-nji bölüm**. **Karz almagyň kanunçylyk meseleleri…………………………………………** 14
5.1. Karz liniýasyny saýlamak……………………………………………………………………… 14
5.2. Zerur resminamalaryň sanawy………………………………………………………………… 14
**Goşundy………………………………………………………………………………………** 16

# Giriş

“Ösüş üçin ýerli başlangyçlar”maksatnamasy

“Ösüş üçin ýerli başlangyçlar”maksatnamasy *Türkmenistanda ilatyň ýerli toparlaryny ösdürmek we olaryň ilatly nokatlaryny ykdysady taýdan ösdürmek maksady bilen amerikan halkynyň adyndan USAID-iň maliýe goldawy arkaly ýerine ýetirilýän üç ýyllyk maksatnamadyr. Maksatnama ilatyň ýerli toparlaryny öz ilatly nokatlarynyň wajyp meselelerini çözmek, ykdysady we sosial durmuşa gatnaşmak üçin ýaşlaryň mümkinçiliklerini giňeltmek, raýatlaryň umumy hukuk medeniýetini ýokarlandyrmak, hem-de ykdysady mümkinçilikleri giňeltmek maksady bilen işlenilip düzüldi.*

*Bu kanunçylyk kitapçasynyň maksady – hususy telekeçilere kärhana üçin olaryň özlerine iň kybapdaş guramaçylyk-hukuk formasyny saýlap almaga, zerur kanuny çözgütleri almagyň iň çalt ýoluny tapmaga kömek bermek, Türkmenistanyň hereket edýän kanunçylygyna laýyklykda hukuk tarapyny döretmegiň we bellige almagyň çaltlaşdyrylan, ýokary hünärli tertibini düşündirmek, hem-de ýekebara telekeçileriň döwlet belligine alynmagyna degişli meseleleri aýan etmek.*

**Telekeçi näme bilmeli, näme başarmaly we onuň nämesi bolmaly**

**Hususy kärhananyň döredilişi**
- Telekeçilik işlerini alyp barmagyň guramaçylyk-hukuk formalary
- Biznes kärhanasyny bellige almagyň tertibi we proseduralary
- Bellige alyş ýygymlary we bellige almak boýunça çykdajylar
- Tertipnama kapitalynyň möçberi
- Telekeçilik işleriniň görnüşleriniň we berkidilen patent töleginiň möçberleriniň sanawy

**Ygtyýarnamalar we rugsatnamalar**
- Ygtyýarnamalaryň we rugsatnamalaryň görnüşleri
- Ygtyýarnamalary we rugsatnamalary almagyň tertibi we proseduralary
- Ygtyýarnamalary we rugsatnamalary almagyň proseduralarynyň nyrhlary

**Kontrakt düzmek**
- Şertnama - Bu näme?
- Ygtybarly kontrakty baglaşmak boýunça umumy maslahatlar
- Şertnamanyň strukturasy

**Karz almak**
- Kredit liniýasyny saýlamak
- Zerur resminamalaryň sanawy

# 1-nji bölüm. Hususy kärhanany nädip döretmeli

### *1.1 Hukuk tarapyny döretmezden ýekebara telekeçiligi, daýhan hojalygyny, daýhan birleşiklerini öz içine almak bilen, telekeçilik işini alyp barmagyň guramaçylyk-hukuk formalary. Guramaçylyk-hukuk formalaryň aýratynlyklary.*

*1-nji tablisa*

**Telekeçilik işiniň guramaçylyk-hukuk formalarynyň (GHF) artykmaçlyklary we çäklilikleri**

| Biznes döretmegiň formasy | Artykmaçlyklary | Çäklilikleri |
|---|---|---|
| **Fiziki taraplar** | | |
| **Ýekebara telekeçi** | **1.** Bellige almagyň ýönekeý prosedurasy (salgyt gullugynda ähli arza beriş resminamalaryny dolduryp, pasporty we suratlary, girdejileri we çykdajylary hasaba alyş kitabyny tabşyryp, berkidilen patent tölegini töläp, 10 günüň içinde patent almak mümkin)<br>**2.** Ýeňilleşdirilen hasabat beriş (girdejileri we çykdajylary hasaba alyş kitabyny ýeňilleşdirilen görnüşde alyp barmak, 6 aýda bir sapar hasabat bermek)<br>**3.** Hasaplaşyk hasapsyz işlemek mümkin<br>**4.** Salgytlaryň pes derejesi<br>**5.** Doly özbaşdaklyk<br>**6.** Işleri bes etmek ýeňil | **1.** Doly emläk jogapkärçiligi (telekeçilik işi boýunça bergiler üçin ýekebara telekeçi özüniň ähli emlägi bilen jogap berýär)<br>**2.** Ähli girdejilerine (hiç zat aýrylman) salgyt salynýar<br>**3.** Heniz girdeji alynmanka, bellige alnanda patent üçin öňünden tölemeli bolýar<br>**4.** Biznesiň durnuksyzlygy (hemme zat bir adama bagly bolýar)<br>**5.** Biznes partnýorlaryň öňünde biznesi guramagyň saýlanyp alnan formasynyň kärhana bilen deňeşdireniňde saldamlylygynyň ýetmezçiligi |
| **Kärhanalar** | | |
| **Ýekebara kärhana (ÝK)** | 1. ÝK-nyň eýesi kärhanany doly gözegçilikde saklaýar, aýratyn-da, eger onuň özi direktor bolup durýan bolsa<br>2. ÝK-nyň eýesi meseleleri çalt çözüp bilýär<br>3. Iň az tertipnama kapitalynyň uly bolmadyk möçberi (6.250.000 man.) | **1.** ÝK-nyň bankrot bolmagy onuň eýesiniň özüniň tozmagyny aňladyp biler, sebäbi ol kärhananyň bergileri boýunça doly jogapkärçilik çekýär<br>**2.** Biznesiň durnuksyzlygy (hemme zat bir adama bagly bolýar)<br>**3.** Ýeke adamyň jogapkärçiligi; ÝK-nyň eýesi öz kärhanasynyň işlerini başga hiç kim bilen maslahatlaşyp bilenok |
| **Hojalyk jemgyýeti (HJ)** | **1.** Birnäçe esaslandyryjylarda tertipnama kapitalyna ýekebara hususyýetçiniňkiden has köp emläk girizmäge mümkinçilik bar.<br>**2.** Karar kabul etmegiň durnuklylygy (haýsydyr-bir karary kabul etmäge näçe köp adam gyzyklanýan bolsa, ol karar şonça-da dogry bolar)<br>**3.** HJ-ni esaslandyryjylar diňe adamlar däl-de, hukuk taraplary hem bolup biler. Bu bolsa köp serişdeleriň (pul we adamlar) toplanmagyny aňladýar.<br>**4.** Eger-de HJ-de bir ýa-da birnäçe esaslandyryjylar telekeçilik işini bes etseler, a beýleki esaslandyryjylar bolsa dowam etseler, onda HJ öz hereketini bes etmeýär<br>**5.** Gowy biznes-ideýa gymmat bahalanýar. HJ-niň esaslandyryjylary bolsa öz ideýalaryny mugtuna hödürleýärler. Maslahatlaşygyň dowamynda köplenç ideýalar döreýär.<br>**6.** Esaslandyryjy öz kärhanasyny daşky karz berijä garanda has döwtalaplyk bilen karzlandyryp biler. Esaslandyryjylar näçe köp bolsa, şonça-da mümkin bolan karz berijiler köp bolýar.<br>**7.** HJ esaslandyryjylary işgär hökmünde ulanyp, serişdeleri tygşytlap biler, sebäbi olar öz kärhanasynda mugtuna işläp bilýärler ahyryn. Bu bolsa kärhananyň işiniň irki döwürlerinde örän wajypdyr. | **1.** Iň az tertipnama kapitalynyň uly möçberi (25.000.000 man.)<br>**2.** Esaslandyryjylaryň arasyndaky mümkin bolan jedeller we çaknyşyklar<br>**3.** Wajyp çözgütler kabul edilende we täzeden bellige alnanda umumy ýygnagy çagyrmaly we köplük üçin kabul ederlikli çözgüdi tapmaly bolýar(wagt ýitirilýär)<br>**4.** Bellige alnanda köp resminama gerek bolýar (meselem, esaslandyrma şertnamasyny düzmek, gol çekmek we notarius taýdan ykrar etdirmek)<br>**5.** Bellige alynmagynyň durnuksyzlygy (esaslandyryjylaryň girmegi we çykmagy, olaryň çalyşmagy zerarly täzeden bellige alynmaga has köp sebäp döreýär) |
| **Kooperatiw kärhanasy** | **1.** Tertipnama kapitalynyň möçberiniň beýlekilere garanda az möçberi (12.500.000 man.)<br>**2.** Ideologik taýdan özüne çekijiligi (zähmetkeşleriň birleşmegi) | **1.** Esaslandyryjylar kärhanada özleri işlemeli bolýarlar<br>**2.** HJ-lere we ÝK-lara ulanylýan salgyt salnyşy ýok, sebäbi kärhananyň bu görnüşi hususy eýeçilige degişli däl (kooperatiw kärhana koperatiw birleşmeleriniň eýeçiligine degişli bolup durýar)<br>**3.** Kooperatiw kärhana üçin HJ-niň ähli ýetmezçilikleri mahsusdyr, artykmaçlyklarynyň bolsa - diňe bir bölegi<br>**4.** Esaslandyryjylaryň arasynda hukuk taraplary bolup bilmez |
| **Daýhan hojalygy** | **1.** Bellige alyş ýerli häkimiýetleriň goldawy arkaly amala aşyrylýar<br>**2.** Ygtybarly maşgala hojalygy | **1.** Esaslandyryjylaryň arasynda hukuk taraplary bolup bilmez<br>**2.** Iş çygry oba hojalygy bilen çäklendirilen |

Şulary tapawutlandyrmaly: **Daýhan Birleşigi** we **Daýhan Hojalygy**

- **Daýhan Birleşigi** toparlaýyn hojalygyň bir görnüşi bolup, ol Türkmenistanyň Ministrler kabinetiniň çözgüdi esasynda esaslandyrylýar
- **Daýhan Hojalygy** fermer ýekebara ýa-da maşgala hojalygynyň bir görnüşi bolup, ol onuň eýesiniň (eýeleriniň) çözgüdi esasynda esaslandyrylýar

Şulary tapawutlandyrmaly: **Hususy Telekeçi** we **Hususy Kärhana**

- **Hususy Telekeçi** bu salgyt gullugynda bellige alnan we patent ýa-da bellige alyş şahadatnamasy boýunça işleýän fiziki tarapdyr (raýat)
- **Hususy Kärhana** bu özbaşdak hukuk tarapy (kärhana) bolup, onuň diňe bir eýesi – raýat bolýar.

*2-nji tablisa*

**Telekeçiligiň bäş sany esasy guramaçylyk-hukuk formalarynyň aýratynlyklary**

| Häsiýetli **aýratynlyklary** | **Guramaçylyk-hukuk formalary** | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| | **Ýekebara telekeçi** | **Ýekebara kärhana** | **Kooperatiw kärhana** | **Hojalyk jemgyýeti** | **Daýhan hojalygy** |
| **1. Eýesiniň hukuk derejesi** | Bir fiziki tarap | Bir fiziki tarap | Iki we ondanam köp fiziki taraplar | Iki we ondanam köp fiziki we/ýa-da hukuk taraplary islendik gatnaşykda | Bir fiziki tarap – oba ýaşaýjysy ýa-da birnäçe fiziki taraplar - garyndaşlykda duran oba ýaşaýjylary |
| **2. Salgyt salnyşy** | **1.** Berkidilen patent tölegi *(telekeçilik işleriniň görnüşleriniň we berkidilen patent töleginiň möçberleriniň sanawynda görkeziilen)*<br>**2.** Goşmaça patent tölegi *(umumy girdejiniň 2%),*<br>**3.** Şäherleriň, şäherçeleriň we oba ilatly nokatlarynyň territoriýalaryny abadanlaşdyrmaga maksatlaýyn ýygym *(umumy girdejiniň 0,3%, emma aýda 10 000 manatdan az bolmaly däl)* | **1.** Hukuk taraplaryň girdejilerine (düşewüntlerine) salgyt *(2%)*<br>**2.** Şäherleriň, şäherçeleriň we oba ilatly nokatlarynyň territoriýalaryny abadanlaşdyrmaga maksatlaýyn ýygym *(düşewünde salynýan salgydy hasaplamak üçin alynýan düşewündiň möçberinden 1 göterim)*<br>**3.** Girdejiniň 3%-i oba hojalyk gaznasyna.<br>**4.** Girdejiniň 0,5%-i Aşgabat şäherini ösdürmek boýunça döwlet gaznasyna (eger kärhana Aşgabatda ýerleşýän bolsa).<br>**5.** Hasaplanyp çykarylan zähmet hakynyň möçberiniň 20%-i durmuş ätiýaçlandyryşyna. | **1.** Goşulan baha üçin salgyt *(15%)*<br>**2.** Emläk üçin salgyt *(1%)*<br>**3.** Hukuk taraplaryň girdejilerine (düşewüntlerine) salgyt (8%)<br>**4.** Şäherleriň, şäherçeleriň we oba ilatly nokatlarynyň territoriýalaryny abadanlaşdyrmaga maksatlaýyn ýygym *(düşewünde salynýan salgydy hasaplamak üçin alynýan düşewündiň möçberinden 1 göterim)*<br>**5.** Girdejiniň 3%-i oba hojalyk gaznasyna.<br>**6.** Girdejiniň 0,5%-i Aşgabat şäherini ösdürmek boýunça döwlet gaznasyna (eger kärhana Aşgabatda ýerleşýän bolsa).<br>**7.** Hasaplanyp çykarylan zähmet hakynyň möçberiniň 20%-i durmuş ätiýaçlandyryşyna. | **1.** Hukuk taraplaryň girdejilerine (düşewüntlerine) salgyt *(2%)*<br>**2.** Şäherleriň, şäherçeleriň we oba ilatly nokatlarynyň territoriýalaryny abadanlaşdyrmaga maksatlaýyn ýygym *(düşewünde salynýan salgydy hasaplamak üçin alynýan düşewündiň möçberinden 1 göterim)*<br>**3.** Girdejiniň 3%-i oba hojalyk gaznasyna.<br>**4.** Girdejiniň 0,5%-i Aşgabat şäherini ösdürmek boýunça döwlet gaznasyna (eger kärhana Aşgabatda ýerleşýän bolsa).<br>**5.** Hasaplanyp çykarylan zähmet hakynyň möçberiniň 20%-i durmuş ätiýaçlandyryşyna. | **1.** Hukuk taraplaryň girdejilerine (düşewüntlerine) salgyt *(2%)*<br>**2.** Şäherleriň, şäherçeleriň we oba ilatly nokatlarynyň territoriýalaryny abadanlaşdyrmaga maksatlaýyn ýygym *(düşewünde salynýan salgydy hasaplamak üçin alynýan düşewündiň möçberinden 1 göterim)*<br>**3.** Girdejiniň 3%-i oba hojalyk gaznasyna.<br>**4.** Hasaplanyp çykarylan zähmet hakynyň möçberiniň 20%-i durmuş ätiýaçlandyryşyna. |
| **3. Bellige alyş ýygymlary** | Ýok | 1.000.000 | 1.000.000 | 1.000.000 | 500.000 |
| **4. Tertipnama kapitaly (iň az möçberi)** | Ýok | 6.250.000 | 12.500.000 | 25.000.000 | Tertipnama kapitaly kanunçylyk taýdan göz öňüne tutulmadyk, emma bellige alnanda azyndan 1.000.000 manat talap edilýär. |

### *1.2 Telekeçilik işini alyp barmaga patenti resmileşdirmek tertibini we prosedurasyny öz içine almak bilen, ol ýa-da beýleki formalar boýunça biznes kärhanasyny bellige almagyň tertibi we proseduralary*

## A) Ýekebara telekeçini bellige almagyň tertibi we proseduralary

**Salgyt gullugynda bellige alyş resminamalaryny almaly:**

- Bellige alyş şahadatnamasy
- Salgyt bellige alşynyň kartoçkasy
- patent

**Salgyt gullugynda:**

- Arza beriş resminamalaryny doldurmaly
- Pasportyňy we onuň nusgasyny tabşyrmaly
- 3 fotosurat tabşyrmaly
- girdejileri we çykdajylary hasaba alyş kitabyny tabşyrmaly
- azyndan 3 aý üçin berkidilen patent tölegini tölemeli
- ygtyýarnamany tabşyrmaly (eger gerek bolsa)



## Б) Daýhan hojalygyny bellige almagyň tertibi we proseduralary

**Türkmenistanyň Ykdysadyýet we maliýe ministrkiginiň Hukuk taraplaryny we maýa goýuş taslamalaryny döwlet belligine alyş müdirliginiň ýerli bölümine şu resminamalary tabşyrmaly:**

- Arza
- Ýerli häkimiýet edarasynyň çözgüdi
- Tertipnama 2 nusgada
- Esaslandyryjynyň pasportynyň nusgasy
- Hukuk salgysy baradaky resminama

**Ýerli häkimiýet edarasy şu çözgütleri kabul edýär:**

- Daýhan hojalygyny döretmek barada
- Ýer parçasyny, önümçilik serişdelerini we beýleki emlägi bölüp bermek barada

**Ýerli häkimiýet edarasyna şu resminamalary tabşyrmaly:**

- Ýer parçasyny, jaýy, desgany ýa-da önümçilik toplumyny bölüp bermek barada arza
- Garyndaşlyk derejesini görkezmek bilen daýhan hojalygynyň agzalarynyň düzümi baradaky maglumatlar
- Soralýan ýer parçasynyň meýilnamasy (ýerleşýän ýerini we meýdanyny görkezmek bilen)
- Hojalygy netijeli alyp barmak boýunça ykdysady esaslandyrma (biznes-plan)

## B) Ýekebara kärhanany, Hojalyk jemgyýetini, Kooperatiw kärhanany bellige almagyň tertibi we proseduralary.

**Bellige alyş ýygymy tölenenden soň Türkmenistanyň Ykdysadyýet we maliýe ministrkiginiň Hukuk taraplaryny we maýa goýuş taslamalaryny döwlet belligine alyş müdirligi berýär:**
- Bellige alyş şahadatnamasyny
- Hukuk Taraplarynyň Bitewi Döwlet Sanawyndan (HTBDS) hemişelik göçürmäni

**Bank:**
- HTBDS-den wagtlaýyn göçürmä möhür basýar
- Manat hasabyny açýar

**Salgyt gullugy:**
- HTBDS-den wagtlaýyn göçürmä möhür basýar
- Salgyt hasabynyň kartoçkasyny resmileşdirýär

**Statistika müdirligi:**
- HTBDS-den wagtlaýyn göçürmä möhür we kodlary basýar
- Statistik kartoçkany resmileşdirýär

**Türkmenistanyň Ykdysadyýet we maliýe ministrkiginiň Hukuk taraplaryny we maýa goýuş taslamalaryny döwlet belligine alyş müdirligi berýär:**
- HTBDS-den wagtlaýyn göçürmäni
- Tertipnamanyň 1 nusgasyny

**Türkmenistanyň Ykdysadyýet we maliýe ministrkiginiň Hukuk taraplaryny we maýa goýuş taslamalaryny döwlet belligine alyş müdirligine tabşyrmaly:**
- Arza
- Kärhananyň döredilendigi baradaky esaslandyryjynyň çözgüdi (diňe ÝK)
- Esaslandyryjylaryň umumy ýygnagynyň ýygnaknamasy (diňe HJ we KK)
- Esaslandyryjy şertnama (notarius tarapyndan ykrar edilen) (diňe HJ we KK)
- Iki nusgada türkmen dilindäki we iki nusgada rus dilindäki Tertipnama
- Hukuk salgysy üçin kärende şertnamasy
- Tertipnama gaznasyna pul girizilendigi baradaky bankyň güwänamasy (iň azyndan 50%)
- Tertipnama gaznasyna emläk girizilendigi baradaky auditoryň netijenamasy (iň azyndan 50%)
- Esaslandyryjylaryň şahsy listleri we pasportlarynyň nusgalary
- Kärhananyň direktorynyň şahsy listi we pasportynyň nusgasy



### *1.3 Bellige alyş ýygymlary we bellige almak boýunça beýleki çykdajylar*

*Таблица №3*

**Bellige alyş ýygymlarynyň we bellige alyş töleginiň möçberleri**

| Bellige alnyşyň (täzeden bellige alnyşyň) görnüşleri | Pul görnüşi | Bellige alyş ýygymlary | Bellige alyş tölegleri |
|---|---|---|---|
| Daşary ýurt maýa goýumlarynyň gatnaşmaýan kärhanalarynyň, şahamçalarynyň we wekilhanalarynyň bellige alnyşy | manat | 4 * binýady möçber | - |
| Daýhan hojalyklarynyň, daýhan birleşikleriniň, oba hojalyk aksioner jemgyýetleriniň bellige alnyşy | manat | 2 binýady möçber | - |
| Daşary ýurt maýa goýumlarynyň gatnaşmaýan kärhanalarynyň, şahamçalarynyň we wekilhanalarynyň täzeden bellige alnyşy we ykrar edilişi | Manat | - | 2 binýady möçber |
| Daşary ykdysady işlerine gatnaşyjynyň bellige alnyşy | Manat | - | 12 binýady möçber |
| HTBDS-den göçürmäniň möhletini uzaltmak | Manat | - | 1 binýady möçber |
| Şahadatnamalaryň, esaslandyryjy resminamalaryň, daşary ykdysady işlerine | Manat | - | 1 binýady möçber |

| | | | |
|---|---|---|---|
| gatnaşyjynyň şahadatnamalarynyň dublikatlarynyň resmileşdirilişi | | | |
| Resminamalary kepillendirmek we güwänamalary bermek, HTBDS-den göçürmäni bermek | Manat | - | 0,1 binýady möçber |

* *bellibe alyş ýygymlarynyň binýady möçberi 250 müň manada barabar*

### *1.4 Telekeçilik işleriniň görnüşleriniň we berkidilen patent töleginiň möçberleriniň sanawy*

*4-nji tablisa*

**Işler ýerine ýetirilende ýekebara telekeçilere salgytlaryň ýönekeýleşdirilen ulgamy we olar boýunça berkidilen patent töleglerini tölemek degişli edilen işleriň görnüşleriniň sanawy.**

(müň manatda)

| | | | Patent töleginiň her aýdaky möçberleri | | |
|---|---|---|---|---|---|
| | **DYIDK-niň kodlary** | **Ykdysady Işleriň görnüşleriniň atlary** | **Aşgabat ş., welaýat merkezleri, Türkmenbaşy we Abadan şş. boýunça** | **Beýleki şäherler we şäher tipli şäherçeler hem-de etrap merkezleri boýunça** | **Beýleki ilatly nokatlar boýunça** |
| | **A** | **B** | **1** | **2** | **3** |
| | 01.12.2 | Gülleri ösdürip ýetişdirmek, gül ösümlikleriniň tohumçylygy | 300 | 200 | 100 |
| * | 15.10.0 | Eti we et önümlerini öndürmek, gaýtadan işlemek we konserwlemek | 300 | 200 | 150 |
| * | 15.20.0 | Balyk we balyk önümlerini gaýtadan işlemek we konserwlemek | 300 | 200 | 150 |
| | 15.30.0 | Gök önümleri we miweleri gaýtadan işlemek | 150 | 80 | 50 |
| * | 15.40.0 | Ösümlik we haýwan ýaglaryny öndürmek | 100 | 75 | 60 |
| * | 15.51.0 | Süýdi gaýtadan işlemek we süýt önümlerini öndürmek | 100 | 75 | 60 |
| * | 15.52.0 | Buzgaýmak öndürmek | 500 | 200 | 100 |
| * | 15.61.0 | Dänäni gaýtadan işlemekden alynýan önümleri öndürmek | 100 | 70 | 40 |
| * | 15.81.0 | Çörek we täze konditer önümlerini öndürmek | 300 | 200 | 150 |
| * | 15.85.0 | Makaron önümlerini öndürmek | 300 | 200 | 100 |
| | 17.51.0 | Halylary we halyçalary öndürmek | 150 | 40 | 30 |
| | 17.71.0 | Jorap we örülen önümleri öndürmek | 80 | 30 | 20 |
| ** | 28.62.2 | Oba hojalyk we bag-bakja gurallaryny öndürmek | 50 | 40 | 30 |
| ** | 29.32.9 | Oba hojalygynda ulanylýan maşynlary we enjamlary abatlamak | 200 | 150 | 100 |
| ** | 36.10.0 | Mebel öndürmek | 500 | 200 | 150 |
| | 45.11.5 | Tamdyr ýasamak | 50 | 40 | 30 |
| *** | 45.42.0 | Neçjarçylyk önümlerini oturtmak: | 150 | 100 | 60 |
| **** | | a) gapylara daş tutmak, gulp goýmak, karniz asmak; | 70 | 50 | 40 |
| | | b) agaççylyk we neçjarçylyk işleri | 150 | 100 | 60 |
| | 51.23.0 | Diri haýwanlary lomaý satmak | 50 | 40 | 30 |
| ** | 52.71.1 | Aýakgap abatlamak | 150 | 100 | 50 |
| *** | 52.73.2 | Bezeg şaýlaryny abatlamak | 200 | 150 | 100 |
| ** | 52.74.4 | Durmuş mebellerini abatlamak we restawrasiýalamak | 200 | 150 | 100 |
| | 60.22.0 | Taksi hyzmatlary (şol sanda kärendesine alnan) | 200 | 150 | 100 |
| *** | 60.24.0 | Ýük çekiji ýol ulaglary | 200 | 150 | 100 |
| **** | 70.20.1 | Ýaşaýyş jaýyny kärendesine bermek | 200 | 120 | 60 |
| ** | 71.31.0 | Oba hojalyk maşynlaryny we enjamlaryny kärendesine bermek | 100 | 80 | 60 |

***Bellik:*** 1. * - işleriň ygtyýarnama alynmagyny talap edilýän görnüşleri (27);
** - işleriň sertifikat alynmagyny talap edilýän görnüşleri (43);
*** - işleriň ygtyýarnama we sertifikat alynmagyny talap edilýän görnüşleri (19);
**** - işleriň rugsatnama alynmagyny talap edilýän görnüşleri (1);
\- işleriň goşmaça resminamalaryň alynmagyny talap edilmeýän görnüşleri (22);
2. Telekeçilik işleriniň bu Sanawda görkezilmedik görnüşlerinden alynýan girdejiler boýunça Türkmenistanyň Salgyt bitewi kanunynyň 200-nji maddasynda göz öňüne tutulan salgytlaryň ýönekeýleşdirilen ulgamy ulanylmaýar.

## 2-nji bölüm. Hususy täjirçilik işini alyp barmagy düzgünleşdirýän kanunçylyk

<u>Türkmenistanyň kanunlary:</u>

- ✓ **"Türkmenistanda telekeçilik işi hakynda", 1991-nji ýylyň Sanjar aýynyň 12-den, 1993-nji ýylyň Garaşsyzlyk aýynyň 1-ndäki üýtgetmeler we goşmaçalar bilen -** Türkmenistanda telekeçilik işiniň umumy başlangyçlaryny kesgitleýär, telekeçilik işiniň subýektleriniň hukuklaryny we jogapkärçiligini çäklendirýär, onuň döwlet taýdan goraglylygyny we goldawyny üpjün edýär, telekeçileriň we döwlet dolandyryşynyň edaralarynyň arasyndaky gatnaşyklary düzgünleşdirýär. Kanun eýeçiligiň ähli görnüşleriniň deňligi, emlägi dolandyrmakda we işleriň görnüşlerini saýlap almakda erkinlik ýörelgelerini durmuşa geçirmek esasynda raýatlaryň başlangyçlarynyň we telekeçilik ukybynyň giňden açylmagy üçin şertleriň döredilmegine gönükdirilen.
- ✓ **"Kärhanalar hakynda", 2000-nji ýylyň Oguz aýynyň 15-den -** Türkmenistanda kärhanalary döretmegiň, işletmegiň we işini bes etmegiň hukuk, guramaçylyk we ykdysady esaslaryny kesgitleýär;
- ✓ **"Söwda hakynda", 2002-nji ýylyň Gorkut aýynyň 5-den, 2004-nji ýylyň Alp Arslan aýynyň 19-ndaky üýtgetmeler we goşmaçalar bilen –** harytlara we hyzmatlara bolan islegleri has doly kanagatlandyrmak maksady bilen, söwda babatynda gatnaşyklary düzgünleşdirýär;
- ✓ **"Türkmenistanda maýa goýum işi hakynda" Türkmenistanyň kanuny, 1992-nji ýylyň Magtymguly aýynyň 19-dan, 1993-nji ýylyň Gurbansoltan aýynyň 12-ndäki üýtgetmeler we goşmaçalar bilen –** Türkmenistanyň çäklerinde maýa goýum işiniň hukuk, ykdysady we sosial esaslaryny kesgitleýär. Ol eýeçiligiň formalaryna garamazdan, maýa goýum işleriniň subýektleriniň hukuklaryny, bähbitlerini we emlägini deň goramagyň üpjün edilmegine gönükdirilen;
- ✓ **"Işleriň käbir görnüşlerini ygtyýarnamalaşdyrmak hakynda", 1999-njy ýylyň Oguz aýynyň 14-den, 2000-nji ýylyň Türkmenbaşy aýynyň 14-ndäki, 2001-nji ýylyň Alp Arslan aýynyň 20-ndäki, 2002-nji ýylyň Gorkut aýynyň 29-ndaky Türkmenistanyň kanunlary tarapyndan girizilen üýtgetmeler we goşmaçalar bilen –** Türkmenistanyň çäklerinde işleriň käbir görnüşlerini ygtyýarnamalaşdyrmagyň hukuk esaslaryny, ygtyýarnama berýän döwlet edaralarynyň ygtyýarlyklaryny, ygtyýarnama talaplaryny, ygtyýarnama bermegiň şertlerini we tertibini, ygtyýarnamanyň hereketini togtatmak we ony ýatyrmak üçin esaslary, hem-de ygtyýarnama talap edilýän işleriň görnüşleriniň sanawyny kesgitleýär.

<u>Türkmenistanyň Raýat Bitewi kanuny, 1998-nji ýylyň Gorkut aýynyň 14-den</u>

- ✓ ***28-nji madda. Fiziki tarapyň telekeçilik işi***
  1. Fiziki tarap hukuk tarapyny döretmezden, telekeçilik işi bilen meşgullanyň biler.
  2. Hukuk tarapyny döretmezden, telekeçilik işi bilen meşgullanýan fiziki taraplaryň telekeçilik işine degişlilikde şu Bitewi kanunyň hukuk taraplaryň işini kadalaşdyrýan düzgünleri ulanylýar.
- ✓ ***49-njy madda. Hukuk tarapynyň hukuk ukyplylygy***
  1. Telekeçi bolup durmaýan hukuk tarapy özüniň esaslandyryjy resminamalarynyň maksatlaryna laýyk gelýän we olar tarapyndan göz öňüne tutulan işleri amala aşyrmaga haklydyr.

     Telekeçi bolup durýan hukuk tarapy kanun tarapyndan gadagan edilmedik islendik işleri amala aşyrmaga haklydyr.

     Kanun tarapyndan sanawy kesgitlenen käbir işleri hukuk taraplar diňe ýörite rugsatnama (ygtyýarnama) esasynda amala aşyrmaga haklydyrlar. Bu işleri amala aşyrmaga hukuk hukuk taraplarda rugsatnama (ygtyýarnama) alan pursatyndan başlap emele gelýär.
  2. Hukuk tarapynyň hukuk ukyplylygy onuň döwlet belligine alnan pursatyndan başlap döreýär we onuň ýatyrylandygynyň bellige alnan pursatynda tamamlanýar.
  3. Hukuk tarapyň hukuklary diňe kanunçylyk tarapyndan göz öňüne tutulan ýagdaýlarda we tertipde çäklendirilip bilner.
- ✓ ***50-nji madda. Telekeçilik hukuk taraplary***
  1. Wezipesi düşewünt almak maksady bolan telekeçilik (kommersiýa) işi bolup durýan hukuk taraplar telekeçilik hukuk taraplarydyr. Telekeçilik hukuk taraplary kanuna laýyk döredilýär.

# 3-nji bölüm. Ygtyýarnamalar we rugsatnamalar

## *3.1 Kanunçylyk tarapyndan bellenen we telekeçilik işine degişli bolan ygtyýarnamalaryň we rugsatnamalaryň sanawy (ygtyýarnama alynmaga degişli bolan işleriň has ähmiýetli görnüşleriniň sanawyny hem öz içine almak bilen)*



**Ygtyýarnamalaşdyrmak** bu hojalyk subýekti tarapyndan belli bir işi amala aşyrmak üçin ygtyýarly edara tarapyndan berlen döwlet rugsadydyr.

Eger-de işleriň käbir görnüşleri (meselem, skwažinalary burawlamak, bilim bermek, partladyjy serişdeleri öndürmek, neşirýat işleri we ş.m.) laýyk däl subýektler ýa-da hünärmen bolmadyk şahsyýetler tarapyndan amala aşyrylýan bolsa, onda bu raýatlaryň we hukuk taraplaryň hukuklaryna, kanuny bähbitlerine, ahlagyna, saglygyna we emlägine, hem-de döwlet bähbitlerine zelel ýetirip biler.

Şol sebäpden hem, bu işleriň amala aşyrylmagyna diňe hojalyk subýekti ygtyýarnama alandan soň rugsat bermek bilen, döwlet işleriň bu görnüşlerini gözegçilikde saklaýar. Ygtyýarnama işleriň bu görnüşlerini hojalyk subýektiniň talaba laýyk ýerine ýetirmäge ukyplylygy tassyklanandan soň berilýär.

| | | |
|---|---|---|
| **1.** | Ýük maşynlary, awtobuslar, we şol sanda mikroawtobuslar, kiçi ýük maşynlary arkaly ulag hyzmatlary | Awtoulaglar ministrligi |
| **2.** | Ýük maşynlary, awtobuslar, we şol sanda mikroawtobuslar, kiçi ýük maşynlary arkaly halkara ulag hyzmatlary | Awtoulaglar ministrligi |
| **3.** | Ýuwelir önümlerini abatlamak we öndürmek | Merkezi Bankyň probalaýyş palatasy |
| **4.** | Toýlarda we beýleki dabaralarda aýdym-saz hyzmaty | Medeniýet ministrligi |
| **5.** | Dabaralary geçirmek üçin çeper-bezeg işleri | Medeniýet ministrligi |
| **6.** | Şöhlatlary, beýleki et we balyk önümlerini öndürmek | Azyk senagaty assosiýasiýasy |
| **7.** | Süýt önümlerini (süýtden başga) we haýwan ýagyny öndürmek | Azyk senagaty assosiýasiýasy |
| **8.** | Ösümlik ýagyny öndürmek | Azyk senagaty assosiýasiýasy |
| **9.** | Konditer önümlerini (şol sanda tortlary) we doňdurma öndürmek | Azyk senagaty assosiýasiýasy |
| **10.** | Alkogolsyz içgileri we gazlandyrylan suwlary öndürmek | Azyk senagaty assosiýasiýasy |
| **11.** | Piwo öndürmek | Azyk senagaty assosiýasiýasy |
| **12.** | Gurluşyk, gurluşyk-montaž we abatlaýyş-gurluşyk işleri | Gurluşyk we gurluşyk serişdeleri senagaty ministrligi |
| **13.** | Agaç ussaçylyk, neçjarçylyk we kebşirleýiş işleri, hem-de elektrik we santehnika işleri | Gurluşyk we gurluşyk serişdeleri senagaty ministrligi |
| **14.** | Gurluşyk serişdelerini we konstruksiýalary öndürmek | Gurluşyk we gurluşyk serişdeleri senagaty ministrligi |

# 4-nji bölüm. Kontraktlaryň/şertnamalaryň düzülişi

## *4.1 Şertnamalary düzmek boýunça umumy soraglar, Şertnamanyň strukturasy*

### ŞERTNAMA GATNAŞYKLARY

**Şertnama** bu özara hukuklary we borçlary kesgitleýän iki tarapyň ylalaşygydyr.

**Dilden şertnama,** eger şeýle şertnamalar üçin ýazmaça forma gerek bolmasa, fiziki taraplaryň arasynda baglaşylýar. Ilat arasyndaky şertnama (bölek satyn alyş – satyş we ilata hyznmat ediş şertnamalary) dilden görnüşde baglaşylýar.

**Ýazmaça şertnama (Kontrakt we Şertnama)** taraplaryň islegi boýunça baglaşylýar, şeýle-de şu aşakdaky ýagdaýlarda hökmany suratda:



- eger-de şertnamanyň taraplarynyň iň bolmanda biri hukuk tarapy bolup durýan bolsa (ilat arasyndaky şertnamalardan başga);
- eger-de kanun tarapyndan talap edilýän bolsa, şertnamanyň notarius taýdan kepillendirilmegi ýa-da bellige alynmagy gerek (gozgalmaýan emlägiň eýesiniň çalyşmagy, daşary söwda kontraktlary, zähmet şertnamalary);
- eger-de bu geljekki şertnamanyň baglaşylmagy baradaky şertnama bolsa.

Şertnama näçe jikme-jik beýan edilen bolsa, şonça-da ol boýunça jedeller az dörär we şonça-da onuň ýerine ýetirilmegini gazanmak aňsat bolar. Şertnamanyň dürs, aýdyň we jikme-jik bolmagy üçin onuň strukturasyny berjaý etmek we zerur elementlerini görkezmek wajypdyr.

**Şertnamany baglaşmagyň maksady:**

- şertnamanyň berkidilmegini we dürs ýerine ýetirilmegini üpjün etmek
- kazyýetde şertnamanyň we hukuklaryň hem borçlaryň bardygyny subut etmegi ýeňilleşdirmek
- Haryt-çig mal biržasynda bellige almak üçin

**Şertnamalaryň görnüşleri:** zähmet şertnamasy, potratçylyk (hyzmatlaryň, işleriň) şertnamasy, kärendesine alyş şertnamasy, satyn alyş-satyş şertnamasy, alyş-çalyş şertnamalary (kwartira, maşyn, …), karzyna almak (pul), saklap bermek şertnamasy (ammar jaýlary), prokata almak şertnamasy (gap-gaç, maşynlar, enjamlar,…), we başgalar.

## ŞERTNAMANYŇ ESASY ELEMENTLERI (REKWIZITLERI)

**Baglaşylan ýeri** **Baglaşylan senesi**

**Aşgabat ş.** **ŞERTNAMA** **15.08.2007 ý.**

*(Nusga)*

**Taraplar**

Tertipnama esasynda hereket edýän, şundan şeýläk “Ýerine ýetiriji” diýlip atlandyrylan direktor Durdyýew K. Tarapyndan wekilçilik edilýän “Parahat” ÝK-sy bir tarapdan we öz adyndan hereket edýän, şundan şeýläk “Sargytçy ” diýlip atlandyrylan Garaýew B. Beýleki tarapdan, şu aşakdakylar barada bu şertnamany baglaşdylar:

### 1-nji madda. Şertnamanyň meselesi

**Meselesi we bahasy**

1.1. Ýerine ýetiriji Sargytçynyň tabşyrygy boýunça tipografiýa usuly bilen “2007-nji ýylda derman senagatynyň ösüşi” ekspres býulletenini Sargytçynyň asyl nusgasyndan umumy mukdary 24000 (ýigrimi dört müň) ekzemplýarda çap edýär.

1.2. Sargytçy Ýerine ýetirijiniň işine ekspres býulleteniň 1 ekzemplýary üçin 18 000 (on sekiz müň) manat möçberde hak töleýär.

### 2-nji madda. Ýerine ýetirmegiň we nyrh tölemegiň şertleri

**Ýerine ýetirmegiň we bahasyny tölemegiň şertleri**

2.1. Ýerine ýetiriji ekspres býulleteniň her aýda 2000 (iki müň) ekzemplýaryny çap edýär. Ýerine ýetiriji harydyň her aýdaky bölegini, dynç alyş we baýramçylyk günlerini nazara almak bilen, aýyň 24-inden giç bolmadyk, emma 5-inden ir bolmadyk möhletlerde taýýarlamaga we ony Sargytçynyň garamagyna bermäge borçludyr.

2.2. Sargytçy harydyň her aýdaky bölegi doly taýýar bolan senesinden soň 5 günden giç bolmadyk möhletde ony kabul edip almaga we äkitmäge borçludyr.

2.3. Sargytçy harydy kabul edip alan gününden soň 10 günden giç bolmadyk möhletde onuň bahasyny doly tölemäge borçludyr.

### 3-nji madda. Gyşarnyksyz berjaý edilmegi üpjün etmek

**Ýerine ýetirilmegini üpjün etmek**

3.1. Ýerine ýetiriji talaba laýyk hilli harydy doly möçberde taýýarlamadyk ýagdaýynda, Sargytça harydyň taýýarlanylmadyk böleginiň nyrhynyň 0,5% möçberinde jerime tölemäge borçludyr.

3.2. Taýýarlanan harydyň nyrhy wagtynda tölenilmändigi üçin Sargytçy harydyň taýýarlanan böleginiň nyrhynyň 0,5% möçberinde Ýerine ýetirijä jerime tölemäge borçludyr.

### 4-nji madda. Şertnamanyň hereket ediş möhleti.

**Hereket ediş möhleti**

4.1. Şertnama 1 ýyl hereket edýär.

4.2. Taraplaryň şertnamanyň şertlerini yzygiderli bozan ýa-da 1 aýdan köp bolan wagt içinde haryt taýýarlanmadyk ýa-da onuň nyrhy tölenmedik ýagdaýynda, hukugy bozulýan Tarap beýleki Tarapy ýazmaça habardar etmek bilen, şertnamany ýatyryp biler.

| **SARGYTÇY** | **ÝERINE ÝETIRIJI** |
|---|---|
| Garaýew Baýrammämmet<br>pasport I-AS 455678<br>03.04.2001 ý. Aşgabt ş.-niň Köpetdag etrap häkimligi tarapyndan berlen<br>Salgysy: Aşgabat ş., MIR-4, 67-nji jaý, 104-nji kwartira | “Parahat” ÝK,<br>aşgabat ş., Uspenskiý köç. 12-nji jaýy<br>“Türkmenistan” DTB, h/hasaby 7845637<br>MFO 390101892, salgyt kody 103161090676<br>Директор: Дурдыев К. |
| goly ____________ | goly ____________ |

**Taraplaryň rekwizitleri**

# 5-nji bölüm. Karz almagyň kanunçylyk meseleleri

### *5.1 Karz liniýasyny saýlap almak*

Öz biznesini başlaýan köp telekeçiler üçin pul iň zerur zatlaryň biri bolup durýar. Başlangyç kapital eýeçilik, karz ýa-da grant görnüşinde bolup biler. **Karz** bu banklar tarapyndan möhletleýin (belli bir möhlete), tölegli (prosentini tölemek), gaýtaryp bermek (karzyň möhleti geçenden soň puly gaýtaryp bermek), üpjün edilenlik (her bir karz diňe girew goýlan ýagdaýynda berilýär) şertlerinde karz pul berilmegidir.




Ýurduň ýerli banklarynda olaryň öz serişdeleriniň hasabyna karz almak ýönekeýleşdirilen, çünki karz bermek baradaky çözgüt bankyň özi tarapyndan çykarylýar.

### *5.2 Zerur resminamalaryň sanawy*

Islendik karz liniýalary boýunça karz almak üçin siz gatnaşyjy banka resminamalaryň doly bukjasyny tabşyrmaly. Ol şu aşakdaky esasy resminamalardan durýar:

- ✓ Biznes-plan
- ✓ Kärhananyň Tertipnamasynyň nusgasy
- ✓ Kärhanany döretmek baradaky onuň eýesiniň çözgüdiniň nusgasy (ýoldaşlyk ýa-da aksioner jemgyýet döredilende – Esaslandyryjy Şertnama ýa-da esaslandyryjylaryň ýygnagynyň ýygnaknamasy)
- ✓ Döwlet belligine alnandygy baradaky şahadatnamanyň nusgasy
- ✓ Türkmenistanyň daşary ykdysady aragatnaşyklaryna gatnaşyjynyň bellige alnandygy baradaky şahadatnamanyň nusgasy
- ✓ Ýere eýeçilik etmäge ýa-da peýdalanmaga hukuk berýän Döwlet Ykrarnamasynyň nusgasy, ýa-da ýer parçasyndan peýdalanmaga kärende şertnamasy
- ✓ Jaýyň kärende şertnamasy (jaý kärendesine alnan ýagdaýynda)
- ✓ Taslamada görkezilen işler bilen meşgullanmaga degişli ministrlikleriň we edaralaryň ygtyýarnamasy
- ✓ Türkmenistanyň Tebigatdan peýdalanmak we daşky gurşawy goramak ministrliginiň ýa-da onuň ýerlerdäki gulluklarynyň ekologik ekspertiza baradaky netijenamasy
- ✓ Enjam, çig mal almak baradaky şertnama
- ✓ Önümi satmak baradaky şertnama
- ✓ Goşundylar bilen hasapdarçylyk balansynyň nusgasy
- ✓ Girew goýlan emlägiň sanawy (soralýan karzyň 120%-den az bolmaly däl )
- ✓ Girew goýlan emlägi ätiýaçlandyrmak baradaky şertnama

## Banklaryň sanawy we karz bermegiň şertleri

| Bankyň ady (Aşgabat ş.) | Işleriň karz berilýän görnüşleri | Karzyň möçberi | Ýyllyk göterim möçberi, % | Karzy yzyna gaýtarmagyň möhleti, ýyl hasabynda | Ýeňillikli döwür, aý hasabynda |
|---|---|---|---|---|---|
| **“Türkmenbaşy” DTB**<br>*H. Annaurdyýew köç. 54 tel. 35-49-22 35-37-17* | Täjirçilik karzlary (söwda, önümçilik) | Karzyň üpjünçiligine, karz alyjynyň karz taryhyna, karz alynmagynyň maksadyna bagly | 12-den 15-e çenli | 3-5 | 6-a çenli (bankyň garamagyna bagly) |
| **“Türkmenbank” DTB**<br>*Görogly köç. 10a tel. 51-02-41* | Täjirçilik karzlary (söwda, önümçilik) | Karzyň üpjünçiligine, karz alyjynyň karz taryhyna, karz alynmagynyň maksadyna bagly | 15-den 16-a çenli | 2 | 4-e çenli (bankyň garamagyna bagly) |
| **“Daýhanbank” DTB**<br>*Bitarap Türkmenistan şaýoly 465, tel.35-02-91* | Täjirçilik karzlary (söwda, önümçilik) | Karzyň üpjünçiligine, karz alyjynyň karz taryhyna, karz alynmagynyň maksadyna bagly | 12-den 16-a çenli | 2 | 3-4-e çenli |
| **“Senagat” DTB**<br>*Türkmenbaşy şaýoly 42, tel. 45-31-30 45-31-29* | Täjirçilik karzlary (söwda) | Karzyň üpjünçiligine, karz alyjynyň karz taryhyna, karz alynmagynyň maksadyna bagly. Eger karz birinji sapar alynýan bolsa – 100 mln. çenli | 0.18 | 1 | 1-2-den başlap |

**Arzalara serediliş wagty**

Her bankyň hepdede 2 sapardan az bolmadyk tertipde ýygnak geçirýän karzlar boýunça iş topary bar. Karzlar boýunça işgärler karz boýunça resminamalar bukjasyny taýýar edenden soň, bu bukjany karzlar boýunça iş toparyň garamagyna hödürleýär. Karzlar bölüminde resminamalary taýýarlamagyň möhleti – 1-den 2 hepdä çenli. Eger-de karzlar boýunça iş toparyň resminamalar bukjasy boýunça hiç hili belligi bolmasa we karz bermek barada çözgüt çykarylan bolsa, karzlar bölümi notarius edarasynda we beýleki döwlet gulluklarynda bellige almak üçin resminamalary taýýarlaýar. Resminamalary resmileşdirmegiň we bellige almagyň ortaça möhleti – 1-den 1,5 hepdä çenli.

**Ýeňillikli döwür**

Bank tarapyndan karz alyjynyň karzyň esasy möçberini tölemekden bölekleýin boşadylýan döwrüne ýeňillikli döwür diýilýär.

**Karz taryhy**

Öňki berlen karzlar boýunça bank bilen karz alyjynyň arasyndaky gatnaşyklaryň taryhyna karz taryhy diýilýär (öň karz berlipmi ýa ýok, göterimleri we esasy möçberi öz wagtynda tölenipmi ýa-da tölemekde bökdençlikler bolupmy, öň karzyň nähili möçberleri berlipdir).

**Girew**

Banklar karzlary üpjün etmek üçin likwid emlägi girewine alýarlar. Aňsat we çalt satyp bolýan emläge likwid emläk diýilýär. Girew hökmünde şu aşakdakylar goýlup biler:

- *Hususylaşdyrylan kwartira (bu kwartirada ýazylan ähli kämillik ýaşyndaky raýatlaryň razylygy bolan ýagdaýynda);*
- *Awtomobil (Orsýetiň markalary – 1995-nji ýyldan köne bolmadyk, beýlekiler – 1992-nji ýyldan köne bolmadyk);*
- *Önümçilik enjamlary;*
- *Kapital jaýlar, desgalar;*
- *Likwid haryt, taýýar önüm;*

- *Depozit hasap;*
- *Beýleki likwid emläk.*

**Karzyň maksatlaýyn ulanylyşy**

*Karz berlenden 1-1.5 aý geçenden soň bank karzyň maksatlaýyn ulanylyşyny barlaýar we barlagyň ykrarnamasyny düzýär. Karzyň maksada laýyk ulanylmadyk ýagdaýynda, bank karz şertnamasynyň hereketini möhletinden öň togtatmaga we karzyň möhletinden öň üzülmegini talap etmäge haklydyr.*

**Karzy üzmegiň mehanizmi**

*Karz karzy üzmegiň grafigine laýyklykda üzülýär. Karzyň bir böleginiň karzy üzmegiň grafigine laýyklykda üzülmedik ýagdaýynda, bank karzyň üzülmedik bölegini "Wagtynda tölenilmedik karzlaryň" hasabyna geçirýär we oňa ýokarlandyrylan göterim belleýär.*

**Karzyň gaýtarylyp berilmezliginiň netijeleri**

*Eger karz alyjy karz şertnamasynda görkezilen möhletlerde karzy gaýtaryp bermese, bank karz alyjyny resmi hat üsti bilen habardar edeninden soň, girew emläginiň ýerleşen ýerindäki etrap Polisiýa Bölümine girew emläginiň öz haýryna geçirilmegi barada talap arzasy bilen ýüzlenýär.*

**Karzyň gaýtarylyp berilmezligi üçin jogapkärçilik.**

*Karzyň gaýtarylyp berilmezligi, hem-de girew goýujyda galan girewiň abat saklanylmagy üçin karz alyjy jenaýat jogapkärçiligini çekýär.*

**Karz beriji bankyň şertlerini nazara almak bilen, karzy üzmegiň grafigi düzülýär.**

**Karzy üzmegiň grafiginiň nusgasy:**

***Karz bermegiň şerti boýunça görkezijileriň sanawy***:

- Karz berilýän möhlet
- Karzyň möçberi
- Göterim möçberi,%
- Karz bermegiň senesi/döwri
- Karzy üzmegiň senesi
- Ýeňillikli döwür, aý, ýyl

# Goşundy:

- ABA-nyň saýty, maglumatlar bazasy: http://turkmenlaw.4shared.com/
- Türkmenistanyň salgyt gullugynyň saýty: http://www.tax.gov.tm/russian/indexru.html
- Türkmenistanyň kanunlary (Türkmenistanyň telekeçilik boýunça kanunlarynyň ÝHHG-niň Aşgabatdaky Merkezi tarapyndan taýýarlanan toplumy. Ony Kaunterpart Interneşnl Turkmenistanyň EM/RJGM-niň we hyzmatdaş guramalaryň kitaphanalarynda tapmak mümkin). 1-nji bölümi, "Telekeçilik gurluşlaryň (hukuk taraplaryň we hukuk tarapyny döretmeýän telekeçileriň) bellige alynmagy we işiniň käbir meseleleri".